Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2023-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna
## на 1 декабря 2023 года

Aşgabat 2023

# Mazmuny / Содержание


## HABARLAR / НОВОСТИ

«HALKARA PUL GAZNASY: MAKROYKDYSADY SELJERME, MALIÝE PROGRAMMIRLEME WE SYÝASAT» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI — 3

## SELJERIŞ MAKALALARY

BAZAR YKDYSADYÝETINDE PULUŇ WEZIPELERI — 4

TÜRKMEN MANADY - DURNUKLY ÖSÜŞIŇ KEPILI — 8

ILATYŇ SÜÝŞÜRINTGILERI GYMMATLY KAGYZLAR BAZARYNA ÇEKMEGIŇ ZERURLYGY — 13

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET ÖSÜŞ BANKY - ÖSÜŞ ÝOLUNDA — 16

MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ ROWAÇ MENZILLERI — 18

BELENT MAKSATLARA GÖNÜKDIRILEN ÖZGERTMELER — 20

NAGT DÄL HASAPLAŞYKLAR KÄMILLEŞDIRILÝÄR — 23

ÝAŞLAR BARADA ALADA - NURANA GELJEGE BADALGA — 25

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА — 27

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ — 29

# «HALKARA PUL GAZNASY: MAKROYKDYSADY SELJERME, MALIÝE PROGRAMMIRLEME WE SYÝASAT» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI

Halkara pul gaznasynyň wekiliýetiniň ýurdumyza iş saparynyň çäklerinde 2023-nji ýylyň 6-10-njy noýabry aralygynda Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň edara binasynda «Halkara pul gaznasy: makroykdysady seljerme, maliýe programmirleme we syýasat» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatyna Türkmenistanyň Merkezi bankynyň we karz edaralarynyň, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň wekilleri gatnaşdylar.

Geçirilen okuw maslahatynyň dowamynda makroykdysady gatnaşyklarynyň we maliýe programmirlemesiniň esaslary, içerki we daşarky deňagramlylygy saklamagyň ölçegleri, maýa goýumlaryň, töleg balansynyň ykdysady alýawa ýetirýän täsiri, maliýe syýasatynyň netijeliligi ýaly ugurlar boýunça giňişleýin gürrüň berildi.

Maliýe programmirlemäniň usullary, ýurduň ykdysadyýetine daşarky faktorlaryň täsiri, makroykdysady durnuklylyk we ösüş, netijeli maliýe syýasatynyň alnyp barylmagy, jemi içerki önümiň derňewi ýaly ugurlarda daşary ýurtlaryň iş tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatynyň esasyny düzdi.

Okuw maslahatynyň dowamynda hormatly myhmanlar Halkara pul gaznasynyň wezipeleri, dünýädäki we sebitdäki umumy ykdysady ýagdaýy we ýurdumyzyň amala aşyrýan ykdysady syýasaty barada gürrüň berdiler.

Halkara pul gaznasynyň wekilleriniň çykyşlary oňa gatnaşyjylaryň gyzyklanýan soraglaryna beren jogaplary bilen jemlendi.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# SELJERIŞ MAKALALARY

## BAZAR YKDYSADYÝETINDE PULUŇ WEZIPELERI

Dünýä derejesinde dowam edýän ykdysady-syýasy çökgünlige garamazdan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň akyl-paýhasa ýugrulan, öňdengörüjilikli, ylma daýanýan syýasaty netijesinde milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary durnukly ýagdaýda ösýär.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda» kesgitlenen wezipeleri üstünlikli çözmek köp derejede ykdysady gurallaryň, aýratynam pul-karz syýasatynyň döwrebaplaşdyrylmagyna we ösdürilmegine baglydyr. Şondan ugur alyp, Türkmenistanyň Merkezi banky dünýä we milli ykdysady ösüşleri göz öňünde tutup pul-karz syýasatyny işläp düzýär we üstünlikli durmuşa geçirýär.

Häzirki zaman pul-karz syýasatynyň esasy aýratynlygy bazar ykdysadyýeti şertinde onuň öňünde täze wezipeleriň durýanlygy bilen düşündirilýär. Puluň kömegi bilen ilkinji nobatda ähli harytlaryň gymmaty kesgitlenilýär. Şondan ugur alyp, harydyň haýsy görnüşlerini öndürmeli, kim üçin öndürmeli, haýsy (içerki ýa-da daşarky) bazarda ýerlemeli diýen sowallar ýüze çykýar. Haryt öndürijiler önümçiligiň düşewüntliligini, amatlylygyny kesgitlemeli. Bu meseleleriň üstünlikli çözülmegi köp derejede ylmyň öňdebaryjy tehnologiýanyň önümçilige giňden ornaşdyrylmagy bilen bir hatarda harytlaryň täze görnüşlerini öndürmäge we olaryň hilini ýokarlandyrmaga höwes döredýär. Ahyrky netijede puluň kömegi bilen haryt öndürijiler önümiň özüne düşýän doly gymmatyny kesgitleýärler we özleriniň çeşmelerini (maliýe, zähmet, maddy gymmatlyklaryny) rejeli, ýokary netijeli ulanylyşyny ýola goýýarlar, goşmaça gymmaty gazanýarlar. Şeýlelik bilen, puluň haryt üpjünçiligi ýokarlanýar, ýurtda kadaly haryt-pul aýlanyşygy gazanylýar, makroykdysady görkezijiler ilerleýji häsiýete eýe bolýar.

Hormatly Prezidentimiz 2023-nji ýylyň 11-nji noýabrynda sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň on aýynda milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda ýerine ýetirilen işleriň jemi jemlenildi. Getirilen maglumatlardan görnüşi ýaly, bölek-satuw haryt dolanyşygynyň möçberi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 9,6 göterim, Döwlet býujetiniň girdeji bölegi 110,7 göterim, çykdajy bölegi 97,8 göterim ýerine ýetirildi. Ýurdumyzyň iri we orta kärhanalarynda ortaça aýlyk zähmet haky geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 9,9 göterim köpeldi.

Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 7,4 göterim artdy. Şeýle üstünlikleriň gazanylmagy netijesinde hasabat döwründe ýurdumyzda jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterime barabar boldy.

Puluň ýerine ýetirýän wezipeleriniň arasynda onuň dolanyşyk serişdesi bolup çykyş etmeginiň ähmiýeti aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Dolanyşyk serişdesi wezipesiniň aýratynlygy puluň nagt görnüşde haryt bilen garşylyklaýyn hereketidir. Şonuň üçin hem, ýurtda nagt pul aýlanyşygynyň kadaly hereketi ykdysadyýetiň netijeli dolandyrylýandygyndan habar berýär. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde pula bolan isleg yzygiderli ýokarlanýar. Ol eýeçiligiň täze görnüşleriniň, şol sanda, hususy eýeçiligiň ýüze çykmagy bilen düşündirilýär. Bu bolsa öz gezeginde haryt bolçulygyny döretmäge, bäsdeşligiň ýokarlanmagyna, ilatyň harytlara bolan ösen isleglerini kanagatlandyrmaga we pul aýlanyşygyny tizleşdirmäge ähli amatlyklary döredýär. Pul-haryt aýlanyşygynda çaprazlygyň, näsazlygyň peýda bolmagy puluň hümmetsizlenmegine we onuň ykdysady ösüşdäki ornunyň peselmegine getirýär. Şonuň üçin hem, pul-haryt aýlanyşygynyň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagy döwrüň talabydyr.

Bu meseläniň üstünlikli çözülmegi ykdysadyýetiň pudaklarynyň sanlylaşdyrylmagy bilen üznüksiz baglydyr. Sanlylaşdyrmagyň netijesinde harydy satmakda we satyn almakda bank kartlary giňden ulanylýar. Şeýlelik bilen, pul aýlanyşygy tizleşýär, nagt pula bolan isleg peselýär, nagt däl hasaplaşygyň gerimi giňelýär. Munuň özi banklaryň serişde binýadyny berkitmäge, müşderileriň karza bolan isleglerini kanagatlandyrmaga ähli amatlyklary döredýär.



Bazar gatnaşyklaryna geçmeklik bilen karzyň orny we ähmiýeti has-da ýokarlanýar. Başgaça aýdylanda harytlaryň belli bir bölegi karzyna satylýar. Munuň özi puluň töleg serişdesi bolup çykyş etmegine getirýär. Karz pullaryň ulanylmagy haryt önümçiliginiň we ony ýerlemegiň şertleriniň birmeňzeş dälligi, önümçiligiň möwsümleýin häsiýeti, şeýle hem işçilere we gullukçylara aýlyk tölenilende ýüze çykýar. Karz kartlarynyň giňden ulanylmagy nagt pullaryň ulanyş gurşawyny çäklendirýär, harytlary ýerlemekde güýçli höwes- lendiriji gural bolup çykyş edýär we ykdysady çökgünligi aradan aýy- rmaga mümkinçilik berýär. Şondan ugur alyp, banklar tarapyndan ilata berilýän sarp ediş karzynyň möçberi köpeldilip, görnüşleri baýlaşdyrlyp we möhleti uzaldylan ýagdaýynda puluň töleg serişdesi wezipesiniň ykdysady ösüşdäki orny has-da ýokarlanar.

Puluň töleg serişdesi hökmünde wezipesini harytlaryň gönüden-göni pula çalşylmadyk ýagdaýynda ýerine ýetirýär we ol özbaşdak alyş-çalşygyň gymmaty görnüşinde çykyş edýär. Bu P-H-P (pul-haryt-pul) aýlanyşygynyň arasynyň üzülýänligini we pul gymmatynyň hereketiniň haryt gymmatyna bolan gatnaşygynda otnositel özbaşdaklygy alýanlygy sebäpli bolup geçýär. Puluň beýle hereketi onuň töleg serişdesi görnüşinde çykyş edýänligini häsiýetlendirýär.

Puluň töleg serişdesi hökmünde çykyş etmegi, dolanyşyk serişdesinden tapawutlylykda ol alyş-çalyşyň aralykçysy bolman, eýsem ony tamamlaýar we geleşige gatnaşýan taraplaryň arasyndaky alyş-çalyşy barabar (ekwiwalent) esasda ýola goýýar. Häzirki zaman bazar gatnaşyklary şertlerinde pul-karz gurallarynyň işjeňligini ýokarlandyrmak, ony kadalaşdyrmak işleri ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan amala aşyrylýar, pul dolanyşygynyň netijeliligi ýokarlanýar we töleg-hasaplaşyk ulgamynyň kämilleşmegine esas döredýär.

Ýurdumyzda töleg-hasaplaşyk işleri halkara tejribesine esaslanyp kämilleşdirilýär, pul serişdelerini bir bank kartyndan beýleki bank kartyna bankomatlaryň, «Internet-bank», «Mobile-bank» ulgamlarynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde geçirmek ýola goýuldy. Bu hyzmatlaryň döwrebaplaşdyrylmagy raýatlarymyzyň ýurdumyzyň islendik künjeginde karz edaralaryna barmazdan, kart hasabyndan bökdençsiz pul geçirim amalyny amala aşyrmaga mümkinçilik döretdi.

Pul toplamak wezipäni ýerine ýetirmek bilen, goýum serişdesi görnüşinde çykyş edýär. Bu ýagdaý pul dolanyşygynyň kanunalaýyklygydyr. Puluň toplanylmagy adamlaryň islendik wagtda harytlara we hyzmatlara bolan isleglerini kanagatlandyrmaga mümkinçilik döredýär. Sebäbi pul ýokary likwidliligi bilen tapawutlanýar, ýagny ol baýlyk toplamak üçin örän amat-

lydyr. Puluň hümmetsizlenýän döwründe bu artykmaçlyk aradan aýrylýar we bu ýagdaý göz öňünde tutulmalydyr. Hümmetsizlenýän pul goşmaça girdeji getirmeýär, ýöne pul gymmatly kagyzlardan tapawutlylykda ony islendik wagtda kärhana ýa-da öý hojalyklary tarapyndan maliýe borçnamalaryny kanagatlandyrmaga ulanyp bolýar.

Pul iki görnüşde: nagt we nagt däl görnüşde toplanylýar. Puly nagt görnüşde saklamaklyk nagt däl görnüşde banklarda saklamaklyk bilen deňeşdirilende amatsyzdyr. Sebäbi, bankda saklanylýan pula onuň möhletine we möçberine baglylykda göterim tölenilýär we bu göterim goşmaça girdeji çeşmesine öwrülýär. Ikinji amatly tarapy banklaryň serişdeleri köpelýär we maýa goýum işjeňligi artýar.

Soňky ýyllarda ilatyň banklarda saklaýan pul goýumlary yzygiderli artýar. Bu bolsa öz gezeginde iki ýagdaý bilen düşündirilýär: birinjiden, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleri gowulanýar, olaryň girdejileri köpelýär, ikinjiden, ilatyň banklara bolan ynamy ýokarlanýar, banklar köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen ilat arasynda banklarda pul goýumlarynyň saklanylmagynyň amatlylygy barada mahabatlandyrma işlerini giňden geçirýärler. Karz edaralary öz tarapyndan müşderileri çekmek maksady bilen dürli şertlerde we göterimlerde goýum goýmaklyga şert döredýärler.

Bazar gatnaşyklarynda hususy eýeçiligiň ösüp, ilatyň iş üpjünçiligi, şonuň ýaly hem maşgala girdejisi ýokarlanýar. Döwlet tarapyndan telekeçilere ähli amatlyklar döredilýär: salgyt ýeňillikleri we pes göterimden karzlar berilýär. Şeýlelik bilen, puluň töleg serişdesi wezipesi täze many-mazmuna eýe bolýar.

Zähmetiň halkara bölünişigi bilen baglanyşykly emele gelen harytlaryň we hyzmatlaryň alyş-çalşygynyň aýratynlygy, puluň öňünde täze wezipäni goýýar: diňe bir milli bazarda däl, eýsem halkara bazarynda hem aýrybaşgalaşmak haryt öndürijileri baglaşdyryjy serişde hökmünde çykyş etmeklik bilen alyş-çalyşyň ählumumy barabarlygyny üpjün etmeli. Pul täze görnüşde dünýä puly wezipesini ýerine ýetirýär.

Islendik döwletiň pul ulgamy, onuň hereketi, eger-de kanun esasynda ol ýa-da beýleki döwletiň pul birligine erkin hereket edýän puluň derejesi berilmedik bolsa, şol döwletiň serhetleri bilen çäklendirilendir. Halkara söwda-ykdysady gatnaşyklarynda döwletleriň pul birlikleriniň biri-birine deňeşdirilmegi daşary ýurt pul bazarynda amala aşyrylmagy bilen walýuta kursy kesgitlenilýär. Ol öz gezeginde geleşige gatnaşýan döwletleriň alyş-çalyş amallaryny amatly şertlerde ýola goýmaga mümkinçilik döredýär we döwletara gatnaşyklaryň geriminiň giňelmegine alyp barýar.

Walýuta kursy halkara ykdysady gatnaşyklarynyň işjeňligine täsirini ýetirýär. Birinjiden, walýuta kursy haryt öndürijileriň önümçilik çykdajylaryny dünýä bazaryndaky harytlaryň nyrhlary bilen deňeşdirmäge mümkinçilik berýär. Şonuň bilen birlikde, ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň maliýe netijelerini çaklamaga şert döredýär. Ikinjiden, walýuta kursunyň derejesi ýurduň ykdysady ýagdaýyna gönüden-göni täsir edýär we onuň töleg balansynyň ýagdaýyny häsiýetlendirýär. Üçünjiden, walýuta kursy dünýäniň jemi önüminiň ýurtlaryň arasynda gaýtadan paýlanylmagyna täsir edýär. Şonuň üçin hem bu meseläniň halkara talaplaryna laýyklykda, taraplar üçin amatly çözülmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Bu işleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi döwletara söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmäge we täze ýokary derejelere çykarmaga zerur bolan şertleri döreder.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde daşary söwda dolanyşygy ýurdumyzyň durnukly ösüşine düýpli täsirini ýetirýär. Ýurdumyzyň eksportynyň möçberi, eksport harytlaryna dünýä bazarlarynyň nyrhlarynyň üýtgemegi makroykdysady görkezijileriň, ilkinji nobatda-da he-

reket edýän nyrhlarda jemi içerki önümiň, Döwlet býujetiniň girdejileriniň, ykdysadyýetde gazanylan peýdanyň ösüşine täsir edýär. Şondan ugur alyp, ýurdumyzda daşary söwda gatnaşyklary düýbünden täze derejä çykarylýar, ýurda gelýän erkin ýörgünli puluň möçberi yzygiderli köpelýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde puluň wezipeleriniň seljermesi onuň her bir wezipesiniň aýratynlykda däl-de, olaryň jemine bir bitewilik hökmünde seredilmegini talap edýär. Şeýle çemeleşmä esaslanyp puluň we onuň ýerine ýetirýän wezipeleriniň ykdysady ösüşdäki ornuna baha bermek bolýar. Geçirilen seljermelere esaslanyp ösüşiň häzirki tapgyrynda bazar ykdysadyýeti şertlerinde puluň ykdysadyýeti netijeli dolandyrmakdaky we ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerindäki ornunyň yzygiderli ýokarlanýandygyna göz ýetirmek bolýar. Şonuň üçin hem, ýurdumyzyň Merkezi banky özüniň pul-karz syýasatyny döwrüň talabyna laýyklykda yzygiderli kämilleşdirýär.

**Baýramdurdy TAÝHAROW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň professory,
ykdysady ylymlaryň kandidaty

## SELJERIŞ MAKALALARY

## TÜRKMEN MANADY - DURNUKLY ÖSÜŞIŇ KEPILI

Şu ýylyň 1-nji noýabrynda Garaşsyzlygymyzyň esasy nyşanlarynyň biri bolan milli manadyň dolanyşyga girizilenine 30 ýyl doldy. Milli pulumyzyň dolanyşyga girizilmegi öz gezeginde manadyň durnuklylygyny hem-de onuň kadaly hereketini ýola goýmaga, döwletimiziň durmuşa nazarlanan ykdysady syýasatyny işläp düzmäge we üstünlikli amala aşyrmaga zerur bolan ähli amatly şertleri döretdi, şeýle-de täze wezipeleri öňde goýdy.

Ýurtda milli puluň ýeke-täk hümmetiniň saklanmagy, bank ulgamyndaky ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatynyň esasy ugurlary bolan kadaly pul dolanyşygynyň, netijeli pul-karz syýasatynyň alnyp barylmagy, banklaryň ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna gönükdirýän karzlarynyň görnüşleriniň we möçberleriniň artdyrylmagy, milli ykdysadyýetimiziň bäsdeşlige ukyplylygynyň berkidilmegi, ýuridiki we fiziki şahslaryň işjeňliginiň maliýeleşdirilmegi ugrunda amatly şertleriň döredilmegi döwlet syýasatymyzda gazanylýan üstünlikleriň aýdyň nyşanydyr.

Amala aşyrylýan döwlet pul-karz syýasatynyň çäklerinde 2011–2022-nji ýyllar aralygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetine gönükdirilen umumy karzlaryň göwrümi 17,2 mlrd manatdan 114,13 mlrd manada çenli ýokarlandy. Onuň jemi içerki önüme bolan gatnaşygy 57,67 göterime göterime deň boldy.

Bu karz serişdeleri ykdysadyýetimizde täze önümçilik kuwwatlyklaryny döretmäge, ýurduň ykdysady we azyk howpsuzlygynyň aýrylmaz bölekleri bolan oba hojalyk pudaklarynyň we hususy bölegiň ukybyny artdyrmaga gönükdirildi. Munuň özi bank ulgamynyň milli ykdysadyýetimiziň ösüşini üpjün etmekde eýeleýän ornuny görkezýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda karz edaralary tarapyndan ykdysadyýetimize gönükdirilýän karzlaryň, şol sanda eksporta niýetlenen we importyň ornuny tutýan önümçilikleri ösdürmek üçin gönükdirilýän karzlaryň berilmegi yzygiderli alnyp barylýar.

2023-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna ykdysadyýete gönükdirilen karzlaryň jemi möçberi 110,19 mlrd manada deň bolup, şolardan 37,80 mlrd manat möçberi ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk bölegine berildi. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 12,95 göterim ýokarlandy. Ykdysadyýetiň hususy bölegine berlen karzlaryň galyndysynyň düzüminde 17,17 mlrd manada barabar möçberini (ýa-da 45,42 göterimi) şahsy adamlara berlen karzlaryň galyndysy tutup, ol hem geçen ýyla görä 18,48 göterim ýokarlandy.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmak boýunça geçirilýän işleriň çäklerinde Türkmenistanyň raýatlaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny we jaýlardaky öýleri satyn almak üçin ipoteka karzlarynyň berilmegi dowamly alnyp barylýar. 2023-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň bank ulgamy boýunça gozgalmaýan emlägi satyn almak üçin ýeňillikli 1 (bir) göterim bilen berlen karzlaryň galyndysy 16,33 mlrd manada deň bolup, geçen ýylyň degişli döwrüne garanyňda 9,25 göterim ýokarlandy.

«Döwlet tarapyndan telekeçiligi maliýe taýdan goldamak» hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda ýuridiki şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanmaga başlaýan fiziki şahslara – hususy telekeçilere olaryň telekeçilik işine maliýe taýdan goldaw bermek maksady bilen, Türkmenistan boýunça bellenen iň pes aýlyk zähmet hakynyň 500 essesine çenli möçberde, ýyllyk 5 göterim bilen, esasy bergini üzmek boýunça 2 ýyl ýeňillikli döwür bolan 7 ýyl möhlete karzlar berilýär.

«Kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň milli programma önümlerini döretmek we enjamlaryny öndürmek hem-de satyn almak we ulanyşa girizmek boýunça taslamalaryny maliýe

taýdan goldamak» hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 2 ýyl ýeňillikli döwri bolan 5 ýyl möhlete, taýýar milli programma önümleriniň we enjamlarynyň satyn alynmagy we ulanyşa girizilmegi üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 6 aý ýeňillikli döwri bolan 3 ýyl möhlete karzlaryň berilmegi ýola goýuldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin 3 (üç) ýyl möhletli ýeňillikli ýyllyk 1 (bir) göterim bilen nagt we nagt däl görnüşinde berilýän karzlaryň möçberi 20 000 (ýigrimi müň) manat möçberinde ýokarlandyryldy. 2023-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan Türkmenistanda ýaş maşgalalaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak maksady bilen berlen karzlaryň möçberi 1,11 mlrd manada deň bolup, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwrüne görä 18,7 göterim ýokarlandy.

Hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryny öz wagtynda ýerine ýetirmek, şeýle hem talyp ýaşlaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplara ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan «Talyp karzy» bank karzlary hem dowamly berilýär. «Talyp karzy» bank karzlary talyp ýaşlaryň okuw tölegleri-ni tölemek üçin ýyllyk 5 göterim bilen nagt däl görnüşinde berilýär. Karzyň üpjünçiligi hökmünde girew emlägi ýa-da üçünji tarapyň zamunlygy kabul edilýär.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan kiçi göwrümli karzlary ösdürmek, bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, şeýle hem şahsy hojalygyny ýöredýän raýatlara goldaw bermek maksady bilen kiçi göwrümli karz hyzmaty hem dowamly berilýär. Kiçi göwrümli karzlar mellek ýeri, kömekçi hojalygy ýa-da bellenilen tertipde bölünip berlen ýer bölegi bar bolan raýatlara 30 000 (otuz müň) manada çenli ýyllyk 10 göterimli, 6 aý ýeňillikli döwür bilen 3 ýyla çenli möhlete berilýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady syýasatyna laýyklykda ykdysadyýetimize gönükdirilýän karzlaryň, şol sanda eksporta niýetlenen we importyň ornuny tutýan önümçilikleri ösdürmek üçin gönükdirilýän karzlaryň berilmegi yzygiderli alnyp barylýar.

Ýurdumyzyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň 2013-2022-nji ýyllardaky ösüş depginini aşakdaky şekilde görmek bolýar:

**Ýurdumyzyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň ösüş depgini (mln manat)**



Ýurdumyzyň karz edaralaryna şahsy we edara görnüşli taraplardan pul serişdelerini çekmek hem-de ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna netijeli ýerleşdirmek, ýagny karzlaşdyrmak bilen bagly çäreleriň işjeň durmuşa geçirilmegi milli ykdysadyýetiň ýokary depginli ösdürilmegine, milli manadymyzyň hümmetiniň barha berkidilmegine, goýumçylaryň we müşderileriň bähbitleriniň goraglylygynyň berjaý edilmegine ýardam berýär.

Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň 2013-2022-nji ýyllardaky ösüş depginini indiki şekilde görmek bolýar.

**Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň ösüş depgini, (mln manat)**




Bank ulgamynyň ygtybarlylygyny has-da ýokarlandyrmak boýunça häzirki wagtda geçirilýän işler döwlet strategiýasynda aýratyn ähmiýete eýedir. Şunda maliýeleşdirmegiň sanly tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, maýalary dolandyryş we töwekgelçilikleri öňünden duýduryş ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, korporatiw dolandyryş ulgamyny kemala getirmek, şeýle hem telekeçilik ulgamyny kämilleşdirmek, banklary girdejililigini we düşewüntliligini artdyrmak işleri möhüm ugurlar hasaplanylýar.

Häzirki zaman innowasion ösüşiň önümi bolan sanly tehnologiýalaryň bank ulgamyna giňden ornaşdyrylmagy olaryň işiniň kämilleşmegine, müşderiler bilen aragatnaşyk usullarynyň döwrebaplaşmagyna oňyn şert döredýär. Häzirki wagtda bütin dünýäde bolşy ýaly, ýurdumyzda hem ykdysadyýetiň ähli ugurlaryny sanlylaşdyrmak hyzmatlary döwrebap talaplara laýyklykda ýola goýulýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň oktýabr aýyndaky «Pul we alyş-çalyş amallarynyň meseleleri hakyndaky» Kararyna laýyklykda ýurdumyzyň ministrlikleriniň, pudak edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň we olaryň tabynlygyndaky edara-kärhanalaryň işgärleriniň zähmet haklaryny we beýleki tölegleri bank kartlarynyň üsti bilen bermeklik ýola goýuldy. 2013-nji ýylda ýurdumyz boýunça jemi 87,3 müň bank karty hem-de 500-e golaý töleg terminaly bolup, 2023-nji ýylyň 1-nji oktýabry ýagdaýyna olaryň sany degişlilikde 5411,5 müňe we 42,3 müňe ýetirildi, ýagny soňky on bir ýylyň dowamynda degişlilikde 61,9 esse we 84,6 esse ösüş gazanyldy.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» hem-de «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» çäklerinde ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek maksady bilen sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Gal-

taşyksyz töleg», «Halkbank terminal» ýaly bank hyzmatlary arkaly nagt däl görnüşindäki hasaplaşyklary ýerine ýetirmek üçin giň mümkinçilik döredilen.





Onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak mümkinçiligi ýola goýuldy. Ýuridiki tarap bolan müşderilerine we telekeçilere internet ulgamy arkaly bank hasaplaryny görmek, elektron göçürmelerini almak we elektron töleg tabşyryklaryny taýýarlamak, mobil töleg terminallary arkaly galtaşyksyz usulda bank tölegleri ýerine ýetirmek, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly birnäçe hyzmatlar ornaşdyryldy.

2018-nji ýylyň 1-nji oktýabry ýagdaýyna «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany degişlilikde 359,4 we 2,5 müňden geçip, bu görkezijiler 2023-nji ýylyň degişli senesine «Internet-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany 1014,7 müňe, «Mobil-bank» hyzmatyna birikdirilenleriň sany bolsa 67,2 müňe çenli ýetdi, ýagny, degişlilikde 2,8 esse we 26,05 esse ösüş gazanyldy.

2018-2022-nji ýyllarda «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlarynyň üsti bilen ýurdumyz boýunça geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň ösüş depgini aşakdaky şekilde görmek bolýar:




2023-nji ýylyň ýanwar-noýabr aýlarynda bankomatlaryň, terminallaryň, «Internet-bank», «Mobil-bank» we «Elektron söwda» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi 15,6 mlrd manatdan geçip, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 21,0 göterim ýokarlandy.

Hormatly Prezidentimiziň ýokarda getirilen karary esasynda ýurdumyzda ornaşdyrylan döwrebap bank hyzmatlary arkaly nagt däl hasaplaşyklaryň möçberleri 2013-nji ýylda 4,2 mlrd manat bolan bolsa 2022-nji ýylda 14,7 mlrd manatdan geçdi. 2013-2022-nji ýyla çenli

ýurdumyzda geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň ösüş depginini şu aşakdaky şekilde hem görmek bolýar.

Ýurdumyzyň raýatlaryna ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hilini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen banklaryň täze, häzirki zaman binalary gurulýar, maliýe we maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli pugtalandyrylýar.

Şu ýylyň iýun aýynda hormatly Prezidentimiziň ak pata bermeginde Arkadag şäherinde gurlup ulanylmaga berlen döwrüň iň kämil innowasion tehnologiýalary bilen üpjün edilen binadyr-desgalaryň hatarynda ýurdumyzyň banklarynyň hem edaralary hereket edýär.

Arkadag şäheriniň Merkezi banky, Arkadag şäheriniň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky, Arkadag şäheriniň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky, Arkadag şäheriniň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky, Arkadag şäheriniň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky täze şäheriň bank ulgamyny emele getirýär.

Sanly ulgam arkaly geçirilýän hasaplaşyklaryň görnüşiniň we geriminiň artmagy bilen, ykdysadyýet boýunça nobatlarda durulýan wagtyň tygşytlanmagy, ýolda sarp edilen wagtyň we harajatlaryň tygşytlanmagy ýaly faktorlaryň üsti bilen, zähmet öndürijiligini artdyrmaga we serişdeleriň tygşytlanmagyna itergi berýär.

Milli ykdysadyýetimizde milli puluň işjeňligini has-da artdyrmak, sanly ulgamy giňden ornaşdyrmak, ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek, netijede ýurdumyzyň raýatlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmak babatda giň mümkinçilikleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watanymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadan, bolelin durmuşda ýaşamagy ugrundaky alyp barýan işleri hemişe rowaçlyga, üstünlige beslensin!

**Dünýägözel HAÝYTOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Ylmy-önümçilik geňeşiniň baş hünärmeni

# ILATYŇ SÜÝŞÜRINTGILERINI GYMMATLY KAGYZLAR BAZARYNA ÇEKMEGIŇ ZERURLYGY

Bazar gatnaşyklarynyň kämilleşýän döwründe ilatyň erkin pul serişdelerini ýurduň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmäge çekmek ýa-da «süýşürintgi-maýa goýum» gatnaşygyny gazanmak örän wajyp bolup durýar. Dünýäniň öňdebaryjy döwletlerinde ilatyň süýşürintgilerine maýa goýumlaryň içerki çeşmeleri hökmünde ähmiýet berilýär. Jemgyýetde süýşürintgi işi durnukly gurnalan ýagdaýda nagt pullaryň mukdaryny artdyrmazdan pul serişdelerini maliýe institutlarynda jemlemäge mümkinçilik döreýär we bu milli pul birligiň satyn alyjylyk ukybynyň ýokarlanmagyna ýardam edýär.

Gymmatly kagyzlar bazarynda maýadar barada düşünjäni berenimizde – bu ilki bilen hünärli gatnaşyjy bolmadyk, öz töwekgelçiligine girdeji almak maksady bilen pul serişdelerini durnukly maýalaýyn gymmatly kagyzlara goýýan fiziki we ýuridik tarap ýaly edip kesgitlesek bolýar. Bu ýerde hökmany bellemeli zat, ol hem, maýadar öz goýýan pul serişdelerini gymmatly kagyzlaryň berýän emläk we emläk bolmadyk hukuklaryna çalyşýar we goýýan serişdeleriniň soňra ulanmasyna gatnaşmaýar we ol işi dellalla ynanýar. Bu hereketleriň ählisi gazna bazarynda emitent bilen maýadaryň arasynda berk düzgün tertipde kada-kanunçylyga laýyklykda amala aşyrylýar.

Gymmatly kagyzlar bazary maýadary özüne çekmekde dürli mümkinçilikleri döredýär, kärhanalar üçin bolsa gelejekde önümçilik kuwwatlyklaryny ýokarlandyrmakda maliýe mümkinçilikleri berýär. Ilatyň erkin pul serişdeleriniň maýa goýumlara öwrülmegi, netijede ykdysadyýetde maýa goýumlaryň artmagy ýurduň zähmet öndürijiligini ýokarlandyrýar hem-de girdejileriň artmagyna getirýär. Süýşüritgileriň we maýa goýumlaryň derejeleri her bir döwre degişlilikde durnukly ösüşi üpjün edýän sepgitlere çenli ösýär.

Süýşürintgileriň maýa goýumlara öwrülmegi:

- maliýe bazarynyň ähli segmentleriniň özara baglylykda doly herekete getirilmegi,
- bazar şertine laýyklykda milli puluň hümmetiniň kesgitlenilmegi we konwertirlenmegi esasynda satyn alyjylyk ukybynyň saklanmagy,
- hususy eýeçiligiň hukuklarynyň goralmagy esasynda telekeçilik işiniň geriminiň giňeldilmegine we gazanç etmek mümkinçilikleriniň artdyrylmagy,
- maliýe bazarynyň ähli segmentleriniň özara baglylykda doly herekete getirilmegi,
- garaşylýan hümmetsizlenmegiň depginleriniň täsir edýän faktorlary hasaba almak bilen üznüksiz öwrenilmegi we çaklanylmagy ýaly şertleriň döredilmegine bagly bolýar.

Raýatlaryň süýşürintgilerini maýa goýumlara çekmegiň wajyplyk derejesini kesgitlemek üçin ykdysadyýetde girdeji hereketiniň nähili derejede bolup geçýändigini hem-de tygşytlanan serişdeleriň bu herekete nähili täsir edýändigini anyklamaly bolýar. Ilatyň erkin pul serişdeleriniň bank ulgamynda toplanylmagy ýurduň durnukly ykdysady ösüşine hem oňaýly täsirini ýetirýär. Pul serişdeleri aýlanyşykda bolýandygy sebäpli, haryt we hyzmatlara bolan talap ýokarlanýar. Ilatyň süýşürintgileriniň artmagy manadyň berkidilmegine, satyn alyp bilijilik ukybynyň ýokarlanmagyna ýardam berýär.

Raýatlar erkin duran pul serişdelerini ýygnamak, gymmatlygyny saklamak we goşmaça girdeji almak maksady bilen goýum hyzmatlaryny saýlaýan bolsa, karz edaralary toplanan pul serişdelerini maýa goýumlaryna gönükdirmek, maliýe gorlaryny döretmek hem-de täzeden paýlamak arkaly girdeji alýar. Bazar ykdysadyýetiniň ösen ýurtlarynda goýum hyzmatlarynyň görnüşleriniň we hiliniň kämilleşdirilmegi olaryň dolandyryş prosesiniň ýeňilleşdi-

rilmegi bilen tapawutlanýar hem-de ilatyň erkin duran pul serişdelerini bank goýumlaryna çekmeklige täsirini ýetirýär. Goýum hyzmatlarynyň netijeliligi onuň ähli gatnaşyjylarynyň bähbitleriniň we sebäpleriniň takyk kesgitlenmegine we ylalaşylmagyna baglydyr.

Ýurdumyzda alnyp barylýan amatly durmuş-ykdysady we maliýe syýasatynyň netijesinde, raýatlaryň durmuş hal-ýagdaýlarynyň ýokarlanmagy bilen süýşürintgileriň möçberiniň artýandygy ýylsaýyn duýulýar. Süýşürintgileri howpsuz toplamak, hümmetini saklamak we olaryň möçberini öz ýurduňda maýalaýyn peýdalanmakda amatly şertleri döretmek döwletiň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Bazar ykdysadyýetine geçýän döwletleriň ykdysady ösüşi we bäsdeşlige ukyplylygy gymmatly kagyzlar bazarynyň ösüş derejesine bagly bolup durýar.

Bazar ykdysadyýetiniň ösen ýurtlarynda gymmatly kagyzlar bazarynyň hukuk binýadynyň köp ýyllaryň dowamynda emele gelendigini bellemek zerurdyr. Ösen ýurtlarda gymmatly kagyzlaryň dolanşyga göýberilmegi  we aýlanşygy adaty hadysa hasaplanýar we telekeçiler, işewür taraplar we ilat muňa zerurlyk ýaly garaýarlar. Ýurdumyz Garaşsyzlygyny alandan soňra milli ykdysadyýetimiziň bazar gatnaşyklaryna kem-kemden geçmegi, onuň netijesinde eýeçiligiň dürli görnüşleriniň ýüze çykmagy gymmatly kagyzlaryň dolanyşyga girizilmegine itergi berdi.

Gymmatly kagyzlaryň kömegi bilen, şahsy we edara görnüşli taraplaryň pul süýşürintgileri hakyky maddy obýektlere, enjamlara we tehnologiýalara öwrülýär. Şeýle-de, gymmatly kagyzlar bazarynda döwletiň we kärhanalaryň paýnamalarynyň, obligasiýalarynyň dolanyşygy – ykdysadyýeti berkitmek bilen, kärhanalary kämilleşdirmäge we goşmaça serişdeleri çekmäge mümkinçilik döredýär.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» ilatyň girdejilerini ýokarlandyrmak syýasatynyň esasy wezipeleriniň biri «öý hojalyklarynyň girdejilerinden paýnamalary we beýleki gymmatly kagyzlary almaga toplanýan pul serişdeleriniň paýyny ýokarlandyrmagyň, ilatyň pul süýşürintgilerini artdyrmagyň netijesinde olaryň maýa goýumlaryna çekilmegini gazanmak» diýip bellenilýär.

Ýurdumyzyň karz edaralarynda alnyp barylýan goýum syýasatyna laýyklykda ilatyň erkin pul serişdelerini çekmek arkaly goýum hasaplaryndaky serişdeleriň möçberi artdyrylýar.

Ýokardaky tablisada 2020-2022-nji ýyllara degişli kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň

**Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň ösüşi, (mln man)**

| | Görkezijiler | 2020 | 2021 | 2022 | 2022/2020-nji ýyla ösüş depgini,% |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri | 53 684,1 | 52 054,4 | 57 201,5 | 106,6 |
| | Şol sanda: | | | | |
| 1.1. | Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalaryň we guramalaryň hasaplaryndaky serişdeler | 32 538,9 | 33 222,6 | 40 526,9 | 124,5 |
| 1.2. | Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaryndaky serişdeler | 21 145,2 | 18 831,9 | 16 674,6 | 78,9 |
| 1.2.1. | Şol sanda: raýatlaryň we edara görnüşli taraplary döretmeýän telekeçileriň hasaplaryndaky serişdeler | 7 933,3 | 6 116,4 | 5 687,8 | 71,7 |
| 1.2.2. | Raýatlaryň Türkmenistanyň karz edaralaryndaky goýumlary | 3 286,4 | 3 036,0 | 2 992,2 | 91,0 |

hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriň ösýändigini görmek bolýar. Maglumatlara görä 2022-nji ýylda 2020-2021-nji ýyllara görä kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň ähli hasaplaryna edilen goýumlary 109,9 göterim we 106,6 göterim ýokarlanan. Tablisadan görnüşi ýaly raýatlaryň banklara goýumlarynyň absolýut möçberleriniň soňky ýyllarda hem artýandygyny görmek bolýar. Emma 2020-2022-nji ýyllar aralygynda banklara edilen goýumlaryň düzüminde agdyk bölegi döwlet eýeçilikdäki kärhanalara degişli bolýar. Mysal üçin, 2020-nji ýylda bu 60,6 göterimini, 2021-nji ýylda 63,8 göterimini, 2022-nji ýylda 70,8 göterimini düzýär. Ilatyň goýumlarynyň raýatlaryň we edara görnüşli taraplary döretmeýän telekeçileriň hasaplaryndaky serişdeleriniň düzüminde artýandygy görünýär. Ýagny, bu görkeziji 2020-nji ýylda 41,4 göterimini, 2021-nji ýylda 49,6 göterimini, 2022-nji ýylda 52,6 göterimini düzýär.

Bu barada has çuňňur seljermäni geçirmek üçin ilatyň goýumlaryny olaryň girdejileriniň ösüş depgini bilen deňeşdirilse, şeýle hem hümmetsizlenme indeksini ulanmak bilen amala aşyrylsa has ýerlikli we talaba laýyk bolardy. Bu wajyp işi ýokarlandyrmak babatda daşary ýurtlaryň iş terjribesini öwrenmek esasynda gözleg-seljeriş işleri has-da güýçlendirilse ýerlikli bolardy.

Şeýlelik bilen, ilatyň süýşüritgilerini bank goýumlaryna we gazna maliýe gurallaryna çekmekde höwesleri we mümkinçilikleri döretmek banklaryň ileri tutulýan wezipeleriniň biri bolup durýar. Ykdysadyýetde maliýe sagdynlygynyň durnuklylygynyň üpjün edilmegi milli puluň satyn alyjylyk ukybynyň ýokarlanmagyna, bahalaryň durnuklylygyna,netijede ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has hem ýokarlanmagyna getirer. Şeýle hem, maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň çeşmeleriniň artmagy merkezleşdirilmedik bazarlaryň, şol sanda hem maliýe bazarynyň üsti bilen geçýän pul akymlaryny güýçlendirer. Bu bolsa ýurduň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmäge ýardam berer.

**Akjemal BURUNOWA,**
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky
Döwlet gullugy akademiýasynyň dosenti, y.y.k.

# SELJERIŞ MAKALALARY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET ÖSÜŞ BANKY - ÖSÜŞ ÝOLUNDA

«Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýylynda hormatly Prezidentimiziň saýasynda ýurdumyzyň bank ulgamy ynamly ösüşler bilen öňe barýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda sanly ykdysadyýete geçmek, müşderilere hödürlenýän bank hyzmatlaryny döwrebaplaşdyrmak, töleg ulgamynyň mümkinçiliklerini artdyrmak, milli manadymyzyň hümmetini durnukly saklamak, pul toplumyny kadalaşdyrmak we gözegçilikde saklamak bank ulgamynyň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar.

Ykdysadyýetimizi özgertmek we ykdysady ösüşi çaltlandyrmak maksady bilen, 2011-nji ýylda Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna Türkmenistanyň Döwlet ösüş banky döredildi. Bankyň esasy maksady müşderilere hyzmat etmegiň hil taýdan täze derejesine çykmakdan, häzirki zaman, birinji derejeli we iň öňdebaryjy, bäsleşige ukyply bankyň ornuny eýelemekden ybaratdyr. Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň öňünde goýýan esasy wezipeleri döwlet maýa goýum syýasatyny kämilleşdirmäge we onuň netijeliligini ýokarlandyrmaga, ýurdumyzyň ykdysadyýetini düzümleýin özgertmäge, innowasion maýa goýum taslamalaryny, daşky gurşawy goramaklyga we ekologiýa ýagdaýyny gowulandyrmaklyga gönükdirilen maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmäge, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, maýa goýum taslamalary boýunça işleýän kärhanalary we guramalary maliýeleşdirmek, karzlaşdyrmak hem-de beýleki bank hyzmatlaryny amala aşyrmak arkaly döwlet maýa goýum syýasatyny durmuşa geçirmäge gatnaşmakdan ybarat bolup durýar.

Bankymyz özüniň uly bolmadyk taryhy ýolunda ýurdumyzy ykdysady taýdan ösdürmek, ony dünýäniň ösen dowletleriniň hataryna çykarmak ugrunda alyp barýan ykdysady özgertmelerini durmuşa geçirmek boýunça birnäçe döwlet taslamalaryny ýeňillikli şertlerde karz serişdeleri bilen üpjün etmeklige işjeň gatnaşyp gelýär. Olaryň hatarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ilatymyzyň we daşary ýurt raýatlarynyň medeniýetli dynç almaklary üçin amatly şertleri döretmek maksady bilen gurlan döwrebap kottejler toplumyny, oýun attraksionly seýilgähini we bäş ýyldyzly myhmanhananyň gurluşyklaryny görkezmek bolýar.

Garaşsyz diýarymyzda saglygy goraýyş we derman senagatyny ösdürmeklige hem-de bu pudakda täze önümçilik kärhanalaryny emele getirmeklige uly üns berilmegi netijesinde, täze iş orunlaryny döretmeklige gönükdirilen, döwlet syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmeklige ýardam bermek maksady bilen, Aşgabat şäherinde Diş merkeziniň, Infuzion erginleri öndürýän derman kärhanasynyň, Aşgabat şäherinde, Ahal, Balkan we Daşoguz welaýatlarynda halkara ölçeglerine laýyk gelýän derman senagaty kärhanalarynyň, Halkara saglyk merkezleri müdiriýetiniň S.A.Nyýazow adyndaky Halkara saglygy goraýyş merkezini döwrebaplaşdyrmak we onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny giňeltmek we 120 orunlyk täze binasynyň şeýle hem, Baş dermanhana birleşiginiň döwrebap ammar jaýynyň gurluşyk işlerine uzak möhletli ýeňillikli şertlerde birnäçe karz serişdeleriniň berilmegi özüniň oňyn netijelerini berdi.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda ulaglar pudagynyň maddy tehniki binýadyny kämilleşdirmeklige, ilata edilýän ýolagçy hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaklyga gönükdirilen, ähli amatlyklary bolan häzirki zaman «Boeing» kysymly uçarlary, demir ýol teplowozlary we wagonlary, şäheriçi we şäherara awtobuslary we ýeňil awtomobil ulaglaryny satyn almaklyga, «Kerki-Ymamnazar-Akina» halkara demir ýolunyň, «Gyzylgaýa-Bereket-Etrek» demir ýolunyň ugrundaky Bereket we Serhetýaka stansiýalarynyň, «Aşgabat-Bereket-Türkmenbaşy» demir ýolunyň aragatnaşyk ulgamlarynyň hem-de halkara derejeli ýolagçy awtomenziliniň gurluşyklaryny maliýeleşdirmek işleri ýeňillikli bank karzlarynyň hasabyna üpjün edildi.

Ýurdumyzyň dokma senagaty pudagynyň işini kämilleşdirmek we döwrebap, ýokary hilli

dokma önümleri bilen bäsleşikli dünýä bazarynda abraýly orny eýelemek başlangyçlaryna eýerip, bu pudagyň Ruhabat dokma toplumynyň we boýag fabriginiň, Abadan pagta egriji fabriginiň ilkinji nobatdakysynyň, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynda pagta egriji fabriginiň, Lebap welaýatynyň Seýdi şäherinde pagta egriji fabriginiň gurluşyklary hem-de Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki pamyk egriji fabriginiň durkuny we tilsimat enjamlaryny täzelemek maksatlarynyň karzlaşdyrylmagy bu pudagy täze sepgitlere ýetmeklige ýardam berdi.

Maliýeleşdirilen iri taslamalaryň arasynda Ahal, Lebap we Mary welaýatlarynda «Altyn asyr» gündogar bazarynyň, welaýat merkezlerinde döwrebap, köpugurly söwda bazarlarynyň, toý mekanlarynyň, myhmanhanalaryň we «Owadan» hyzmat ediş öýüniň gurluşyklarynyň bardygyny aýratyn belläp geçmelidiris.

Şeýle hem, Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda halal zähmet çekmek, döretmek we ýaşamak üçin döredip berýän mümkinçiliklerinden hem-de paýtagtymyzyň binagärlik keşbini ösdürmek we gözelleşdirmek başlangyçlaryndan ugur alyp, bankymyzyň ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, edara binalarynyň, has oňaýly we otaglarynyň ýerleşişi gowulandyrylan ýaşaýyş jaýlarynyň birnäçesiniň gurluşyklarynyň ýeňillikli şertlerde maliýeleşdirilmegine işjeň gatnaşmagy, paýtagtymyzyň görküne görk goşýan belent binalaryň sanynyň artmagyna getirdi.

Bank özüniň işjeňliginiň dowamynda, bazar ykdysadyýeti şertlerinde döwlet emlägini hususylaşdyrmaklygyň hem-de täze önümçilik kärhanalaryny goldamaklygyň çäklerinde Balkan welaýatynyň Bereket etrabyndaky guşçulyk toplumyny, Mary welaýatynyň Baýramaly etrabyndaky guşçulyk toplumyny hem-de Aşgabat şäher häkimliginiň köp gatly awtoduralgalaryny hususylaşdyrmaklyga ýeňillikli şertlerde karzlaşdyryldy.

Türkmenistanyň Döwlet ösüş banky tarapyndan «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» göz öňünde tutulan çäreleri üstünlikli durmuşa geçirmek we ýurdumyzda sanly ulgamy giňden ornaşdyrmaklygyň çäklerinde bankyň resmi tdob.gov.tm internet sahypasyny kämilleşdirmek, maglumat üpjünçiligini gözegçilikde saklamak we goraglylygyny üpjün etmek boýunça netijeli işler amala aşyryldy. Şeýle hem, bankda döwrebap elektron resminama dolanyşygy ulgamy ýola goýuldy. Bankyň sanly tehnologiýalar boýunça işgärleriň hünär taýýarlygyny, bilim derejelerini ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli okuwlar gurnalyp, häzirki zaman dolandyrylyşynda sanlylaşdyryş ulgamynyň kömegi bilen, bank işini doly dolandyrmaga mümkinçilik döredildi. Hususan-da, içki gözegçilik ulgamyny guramak, maliýe görkezijilerini seljermek, bankyň ukyplylygyny dolandyrmak, karz, maliýe töwekgelçiliklerini dolandyrmak, buhgalter hasabyny alyp barmak we hasabatlary taýýarlamak, halkara standartlaryna laýyklykda hasabatlary toplamak işlerini awtomatizasiýalaşdyrmak boýunça işler alnyp baryldy. Gelejek-de hem, ýurdumyzda amala aşyrylýan maýa goýum syýasatlarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşmaklygyny dowam etdirmek bilen, bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek we olary sanly ulgam arkaly amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan ykdysady özgertmelerde bank ulgamynyň işini mundan beýläk hem döwrebaplaşdyrmak, bank hyzmatlarynyň hilini dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň derejesine çykarmak, we milli pulumyzyň hümmetiniň durnuklylygyny üpjün etmek ykdysady ösüşimiziň häzirki tapgyrynda ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar.

Milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen özgermek ugrunda taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan belent maksatly işleri mundan beýläk hem rowaç bolsun.

**Batyr REJEPOW,**
Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň baş derňewçisi

# SELJERIŞ MAKALALARY

## MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ ROWAÇ MENZILLERI

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzy ählitaraplaýyn ösdürmegi maksat edinýän milli maksatnamalar, durmuş-ykdysady özgertmeler ykdysady ösüşiň çaltlanmagynda oňyn şertleri üpjün edýär. Bu ugurda kabul edilen «Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» hem-de «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» bellenen wezipeler okgunly durmuşa geçirilýär. Ykdysady ösüşiň gazananlarynyň halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmaga gönükdirilmegi ýurdumyzda «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ajaýyp ýörelgeler esasynda adam hakynda edilýän aladanyň subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde eden taryhy çykyşynda: «Durnukly ykdysady ösüş biziň uzak möhletleýin strategiýamyzyň baş maksady bolup durýar. Şoňa görä-de, ykdysadyýetimiziň ähli ugurlaryny gurşap alýan maksatnamalarymyzy hem-de özgertmelerimizi üstünlikli amala aşyrýarys. Döwlet maýa goýum syýasatynyň netijeliligini hem-de işjeňligini has-da ýokarlandyrmak üçin zerur işleri alyp barýarys. Gaýtadan işleýän we önüm öndürýän senagat pudaklaryny çalt depginlerde ösdürmäge gönükdirilen maýa goýumlaryň möçberini yzygiderli artdyrýarys» diýip belläp geçişi ýaly, daşary ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmekde hem tutumly işler durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň binýatlyk pudagy bolan ýangyç-energetika, ulag-aragatnaşyk, söwda, senagat ugurlaryndaky özara netijeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklary milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde möhüm ähmiýete eýedir. Hut şu nukdaýnazardan hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesine hem-de ýörelgesine daýanmak bilen, ýurdumyz halkara maýa goýum mümkinçiliklerini netijeli ulanmak bilen, maýa goýum möçberlerini artdyrmak meselelerine we daşary ýurtly işewürler bilen hyzmatdaşlyga aýratyn üns berýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşary ýurtlara amala aşyrýan iş saparlarynyň dowamynda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmak we hil taýdan täze derejelere çykarmak babatda gazanylýan ýlalyşyklary munuň subutnamasy hökmünde görkezmek bolar. Gahryman Arkadagymyzyň şu ýylyň sentýabr aýynda Germaniýa Federatiw Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde türkmen-german işewürlik maslahatyna gatnaşmagy täze taryhy döwürde iki ýurduň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmäge oňyn itergi berdi. Işewürlik maslahatynyň esasy maksady hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny anyklaşdyrmakdan we geljekki netijeli gatnaşyklary meýilleşdirmek üçin möhüm teklipleri ara alyp maslahatlaşmakdan ybarat boldy. Ulag-aragatnaşyk ulgamynda, şeýle hem suw serişdelerini dolandyrmak, himiýa pudagy, senagat we gurluşyk önümçiligi we beýleki ugurlarda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmäge gönükdirilen ylalaşyklaryň ençemesine gol çekilmegi iki ýurduň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, özara bähbitli we netijeli gatnaşyklaryň ösdürilmegine ýardam eder.

Hormatly Prezidentimiziň şu ýylyň oktýabr aýynda Türkiýe döwletine iş saparynyň täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýan döwletara gatnaşyklarynda, iki döwletiň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşlykda wajyp ähmiýete eýe bolandygyny aýratyn bellemek gerek. Arka-

dagly Gahryman Serdarymyzyň gatnaşmagynda geçen türkmen-türk işewürlik maslahaty maýa goýumlar, energetika, ulag-aragatnaşyk, oba hojalygy, senagat pudaklary, ykdysadyýetiň ösmeginde möhüm orna eýe bolan ylym we tehnika ulgamlaryny ösdürmekde bilelikdäki tagallalaryň durmuşa geçirilmegine täze badalga berdi.

Şol bir wagtda hem umumy abadançylygyň we durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmekde aýgytly ädim boldy. Umuman aýdanyňda, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmak we ata Watanymyzyň ykdysady taýdan has ösen döwletleriň hataryna çykarmak, ýurdumyzyň önümçilik-ykdysady binýadyny berkitmek we döwrebaplaşdyrmak döwlet ykdysady syýasatyň mazmunyny düzýär.

Bedew bady bilen ösüşlerden-ösüşlere barýan eziz Diýarymyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagy ugrunda tutumly işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Şirin ARRYKOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Balkan welaýat şahamçasynyň
Ykdysady seljeriş we jemleýiş bölüminiň baş hünärmeni

# SELJERIŞ MAKALALARY

## BELENT MAKSATLARA GÖNÜKDIRILEN ÖZGERTMELER

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalarynyň netijesinde ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň ösüşini innowasion esasda ýola goýmak, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini düýpli gowulandyrmak babatda bitirilýän beýik işler ýurdumyzyň her bir raýatyny täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar. Türkmenistanyň köpugurly ösüşiniň uly özgertmelere beslenýän taryhy eýýamy diňe bir ýokary mümkinçilikli ykdysady ugurlaryň däl-de, eýsem, ähli pudaklarynyň ösüşinde strategik maksatlary öňde goýýar. Bu babatda häzirki wagtda döwlet Baştutanymyzyň durmuşa geçirýän parasatly içeri we daşary syýasatynda häzirki zaman ösüş ugurlary, şeýle-de geljegi uly ugurlar nazarda tutulyp, milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň mümkinçiliklerini giňden açmakda döwrebap durmuşa geçirilýän işlere giňden ähmiýet berilýär.

Ykdysady ösüşiň her ugur babatda görkezijileriniň yzygiderli ýokarlanmagy hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny döwrebap ýörelgeler esasynda kämilleşdirmekde durmuşa geçirýän işlerinden netije tapýar. Bu, öz gezeginde, ýurdumyzyň ýokary mümkinçiligi bolan ugurlar — nebitgaz, energetika, ulag-logistika, oba hojalygy, azyk senagaty ýaly pudaklar babatda häzirki zaman infrastrukturalaryň döredilýändigi, olar boýunça iň netijeli çözgütleriň esasynda möhüm işleriň durmuşa geçirilýändigi bilen şertlenendir. Bu işleriň netijelerini soňky wagtda gazanylan ykdysady ösüşiň görkezijilerine, amal edilen işlere we öňde goýulýan belent maksatlara nazar aýlamak bilen aýdyň görmek bolýar.

Hormatly Prezidentimiziň geçen aýda Türkiýe Respublikasyna amala aşyran resmi saparynda ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň geljegini nazarlaýan birnäçe bilelikdäki işler ara alnyp maslahatlaşyldy. Aýratyn-da, saparyň çäklerinde geçirilen Türkmen-türk işewürlik forumynda bu ugurda döwletara gatnaşyklarda iki ýurduň ykdysadyýetinde täze gözýetimi açjak ugurlara üns çekildi. Döwlet Baştutanymyz forumda eden çykyşynda döwletimiziň daşary ýurtlar bilen maýa goýumlar babatda hyzmatdaşlygy ösdürmäge ähmiýet berýändigini, munda esasy maksadyň ýurdumyzda durmuşa geçirilýän iri energetika we infrastruktura taslamalaryna daşary ýurt maýalaryny çekmekden ybaratdygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň: «Bilelikdäki maýa goýum gaznasyny hem-de maýa goýumlar boýunça bilelikdäki iş toparyny döretmegi teklip edýäris. Şol bir wagtda, türk maýadarlarynyň we senagatçylarynyň ýurdumyzda alyp barýan işlerini maliýe taýdan düzgünleşdirmek maksady bilen, Türkiýäniň käbir uly banklarynyň Türkmenistanda şahamçasyny açmak meselesine seretmegi hem makul görýäris» – diýip nygtamagy hyzmatdaşlygyň täze tapgyrynyň ýola goýulmagyny şertlendirdi. Bu ugurda geljekde täze taslamalaryň durmuşa geçirilmegi netijesinde özara bähbitli gatnaşyklar oňyn netijelerini berer.

Häzirki günde ýurdumyzda durmuşa geçirilýän belent maksatlara gönükdirilen işler her bir raýatymyzy buýsandyrýar. Şunda ýurdumyzyň maliýe-bank ulgamyna-da uly orun degişlidir. Bu pudagyň işi içeri we daşary ykdysady gatnaşyklaryň çygrynda günsaýyn özgertmelere eýe bolýar. Bu babatda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň «Fitch Ratings» halkara agentligi bilen hyzmatdaşlygynyň dowam etdirilmegine gönükdirilen degişli ylalaşygy baglaşmak boýunça geçirilýän işleri mysal getirmek bolar.

Mundan başga-da 5-nji sentýabrda Parižde Fransiýanyň Ýewropa we daşary işler ministri bilen geçirilen resmi duşuşykda ikitaraplaýyn syýasy-diplomatik gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň meselelerine garaldy. Duşuşyklaryň jemleri boýunça iki ýurduň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary beýleki ugurlar bilen bagly resminamalar bilen birlikde Türkmenistanyň Döwlet

daşary ykdysady iş bankynyň UBAF banky bilen hyzmatdaşlygy hakynda Ylalaşyga gol çekdiler. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda möhüm wezipeleriň biri bolan bank ulgamyndaky hyzmatdaşlyklar, «Fitch Ratings» halkara agentligi tarapyndan Türkmenistana berlen halkara derejeler ýurdumyzyň halkara maliýe abraýyny has-da ýokarlandyrýar. Bu hyzmatdaşlyk daşary ýurtlardan çekilýän maýa goýumlaryň möçberiniň ýokarlandyrylmagyna, karz beriş şertleriniň ýönekeýleşdirilmegine, daşary ykdysady işiň has-da ösdürilmegine itergi berýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň Germaniýa Federatiw Respublikasyna amala aşyran iş saparynda hem maliýe-bank ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy ilerletmek esasy möhüm ugurlaryň hatarynda kesgitlendi. Onda maliýe-bank ulgamy türkmen-german hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlarynyň biridigi, ýurdumyzda daşary ýurt banklary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge hem-de täze gatnaşyklary ýola goýmak meselelerine uly üns berilýändigi aýdyldy. Gahryman Arkadagymyz Germaniýanyň banklaryny, eksport-karz edaralaryny, ätiýaçlandyryş guramalaryny ýurdumyzyň döwlet we täjirçilik banklary bilen göni gatnaşyklary işjeň ösdürmäge çagyrdy.

«Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» bellenen wezipeleri ýerine ýetirmegiň çäklerinde hasaplaşyk-töleg ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek bilen bagly başga-da köp sanly işler durmuşa geçirilýär. Häzirki wagtda döwrebap tehnalogiýalara, şol sanda töleg kartlarynyň işjeňleşdirilmegine esaslanýan nagt däl hasaplaşyklaryň usullary giňden ornaşdyrylýar.

Milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlarynda ýokary zähmet üstünlikleriniň, umumy netijeleriň gazanylmagy hemmetaraplaýyn ösüşiň gyradeň amala aşýandygyny görkezýär. Muny şu ýylyň geçen on aýynyň jemlerine bagyşlanyp geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde beýan edilen netijeler hem aýdyň mälim etdi.

Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ykdysady strategiýasynda ýurdumyzyň önümçilik we söwda kuwwatyny artdyrmakda türkmen işewürleriniň mümkinçiliklerini ulanmaklyga aýratyn ähmiýet berilýär. Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşiniň häzirki şertlerinde kiçi we orta telekeçilige ýardam bermek we olary ösdürmek çäreleriniň döwlet syýasatynyň iň möhüm ugurlaryň hatarynda kesgitlenmegi hem munuň şeýledigine şaýatlyk edýär. Oba hojalyk pudagynda täze tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan önümçilikleri ösdürmek döwletiň innowasion syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, innowasiýalara esaslanýan oba hojalyk önümlerini öndürmekde kiçi we orta telekeçilik kärhanalarynyň ähmiýeti barha artýar. Hususy ulgamyň ýerine ýetirýän işi senagat önümçiligi bilen birlikde azyk harytlarynyň eksportynyň ösdürilmeginde-de möhüm orny eýeleýär.

Ýurdumyzda hususyýetçilik işiniň işjeňleşmegi ýerli çig mal serişdelerinden öndürilýän önümleriň görnüşleriniň we möçberleriniň artmagyna getirdi. Bu önümleri daşarky bazarlara çykarmagyň mehanizmleriniň döwrebap derejede kämilleşdirilmegi döwrüň bildirýän talaplarynyň biri bolup, ol bazar gatnaşyklaryny giňden ösdürmäge, onuň netijesinde ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny mundan beýläk-de artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda alnyp barylýan senagat-innowasion syýasaty dokma senagatynyň uly depginde ösdürilmegine itergi berdi. Bu, ilkinji nobatda, çig mallaryň senagat taýdan täzeden işlenilmegi netijesinde goşulan gymmatyň döredilýändigi bilen baglanyşyklydyr. Harytlaryň eksportyny giňeltmek üçin zerur işleri geçirmek, şol sanda taýýar dokma önümleriniň eksportyny artdyrmak hem-de daşary ýurt bazarlarynda bu harytlary giňden ýaýratmak boýunça işleri işjeňleşdirmek döwrüň talaby bolup durýar. Daşary yk-

dysady işiň işjeňleşmegi bolsa, öz gezeginde, ýurduň ösüşe ukyplylygynyň, milletiň intellektual derejesiniň aýdyň görkezijisidir.

Diýarymyzyň ähli künjeklerinde gurulýan senagat-önümçilik desgalary, durmuş maksatly binalar, onlarça iri taslamalar boýunça ýetilen belent sepgitler, okgunly ösüşler halkymyzyň röwşen geljegine gönükdirilendir. Häzirki wagtda ýurdumyzyň makroykdysady görkezijileriniň sazlaşykly ösmegini üpjün etmek bu ugurda esasy wezipeleriň biri hasaplanýar. Şunuň bilen baglylykda, gaýtadan işleýän we taýýar önümleri öndürýän senagat pudaklaryny okgunly ösdürmek üçin gönükdirilýän maýa serişdeleriniň möçberi artýar. Şonuň netijesinde daşary ýurtlara iberilýän harytlaryň möçberidir görnüşleri ep-esli köpelýär.

Pudaklaýyn we düzümleýin özgertmeleri amala aşyrmak, işjeň maýa goýum syýasatyny durmuşa geçirmek arkaly bäsdeşlige ukyply, ýokary netijeli maýa goýum ulgamyny döretmek esasy maksatlaryň biri hökmünde kesgitlenildi. Mundan başga-da, ykdysadyýete gönükdirilýän maýa goýumlaryň maliýe çeşmelerini kämilleşdirmek, hususy kärhanalary we olaryň serişdelerini ýurdumyzyň düýpli gurluşyk ulgamyna durnukly çekmegi ýola goýmak, düýpli maýa goýumlaryň ykdysady taýdan netijeliligini üpjün etmek boýunça anyk işler meýilleşdirildi.

Umuman aýdylanda, ykdysadyýetiň esasy pudaklaryny ösdürmek, şol sanda bilelikdäki iri innowasion kärhanalary hem-de eksport ugurly, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürýän önümçilikleri gurmak, azyk üpjünçiligini gowulandyrmak, ýurdumyzyň ähli sebitlerinde täze iş orunlaryny döretmek, ilatyň durmuş goraglylygyny üpjün etmek boýunça toplumlaýyn çäreleri maliýeleşdirmek göz öňünde tutulýar.

**Merjen LOKKAÝEWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş
bankynyň Marketing bölüminiň başlygy

# NAGT DÄL HASAPLAŞYKLAR KÄMILLEŞDIRILÝÄR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda bank ulgamy yzygiderli kämilleşdirilýär, ulgama dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň iş tejribesini we täze usullaryny ornaşdyrmak, milli töleg ulgamynyň mümkinçiliklerini artdyrmak, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak işleri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly ulgamda hödürlenilýän bank amallarynyň sany yzygiderli artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar.

«Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda, bank ulgamyna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesinde guramak, geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, bu ugurda banklaryň bäsdeşligini ýokarlandyrmak babatynda netijeli işler alnyp barylýar.

Bu günki güne Türkmenistanyň karz edaralarynda nagt däl hasaplaşyklary has-da ýaýbaňlandyrmak, pul dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, bank kartlary boýunça milli we halkara töleg ulgamynyň ýaýrawyny giňeltmek babatynda giň gerimli işler alnyp barylýar. Sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank» we «Elektron söwda» hyzmatlarynyň üsti bilen amal edilýän nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi yzygiderli artýar.

«Internet bank» hyzmaty dünýäde synagdan geçen tejribe bolup, bu gün ol bütin dünýäde giňden peýdalanylýan iň kämil, iň döwrebap bank hyzmatlarynyň naýbaşylarynyň hatarynda durýar. Bu sanly hyzmatlar bank amallaryny amala aşyrmakda wagty tygşytlaýar hem-de nagt pul götermek zerurlygyny aradan aýyrýar. Iň esasy artykmaç taraplarynyň biri onuň internet ulgamynyň elýeterli bolan islendik nokadyndan peýdalanyp bolýanlygydyr.

«Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge, netijede ilatyň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Raýatlarymyza «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary arkaly karzlaryň esasy bergilerini we olara hasaplanan göterimleri tölemek, «Altyn asyr» öýjükli aragatnaşyk, internet, IP-TV, Aşgabat şäher telefon ulgamynyň hyzmatlary üçin tölegleri, demirýol petekleriniň, şäherara ugurlarda gatnaýan awtobus peteklerini, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň teatrlarynda gurnalýan tomaşa çäreleri üçin frpetekleriň tölegleri, ýurdumyzyň ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdepleriniň degişli tölegleri, ilata edilýän jemagat hyzmatlarynyň tölegleri internet ulgamynyň üsti bilen amala aşyrmaga mümkinçilikler döredilen. Bu hyzmatlar ilatyň gymmatly wagtyny tygşytlamaga hem-de islendik wagtda we islendik ýerde bank amallaryny özbaşdak geçirmäge oňaýly şert döredýär. «Elektron söwda» hyzmaty hem ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan durmuşa ornaşdyrylýar. Bu hyzmata islegiň artmagy netijesinde nagt däl hasaplaşyk gerimi günsaýyn artýar. Has takyk aýdanyňda:

2023-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlarynyň dowamynda welaýatymyzyň karz edaralary tarapyndan gurnalan terminallaryň, bankomatlaryň, «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlarynyň, «Halkbank terminal» mobil ulgamynyň şeýle hem, internet arkaly elektron söwdanyň üsti bilen geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi, umumy hasaplaşyklaryň 41,3 göterimini tutýar we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdireniňde bolsa 17,7 göterim artdy. Bu görkeziji bolsa, ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işleriň netijeliliginiň aýdyň subutnamasydyr.

Ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek ugrunda öz ähmiýetli täsirini görkezýän bank hyzmatlarynyň biride «Cash back» bank hyzmatydyr. Bu döwrebap bank hyzmaty raýatlaryň nagt däl hasaplaşyklardan peýdalanmaklaryny höweslendirmekden, ýagny söwda we hyzmat ediş nokatlarynda hasaplaşyklaryň bank kartlaryny ulanmak arkaly geçirilmegini gazanmakdan ybaratdyr.

Nagt däl hasaplaşyklar ösdürmek ugrunda şeýle mümkinçilikleriň döredilmegi, hormatly Prezidentimiziň biz halkymyz üçin edýän taýsyz, tagallasyz aladalary netijesinde, halkymyza berilýän peşgeşleriň biridir.

Şu pursatdan peýdalanyp, halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagyna, okamagyna, zähmet çekmegine döredip berýän çäksiz mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz sagbolsun aýdýarys. Goý, ata Watanymyzy ösüşleriň röwşen ýoly bilen öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli tutýan tutumly işleri elmydama rowaç alsyn!

**Ybraýym ÇAKANOW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Balkan welaýat şahamçasynyň
Maglumat tilsimatlar bölüminiň baş hünarmeni

## ÝAŞLAR BARADA ALADA - NURANA GELJEGE BADALGA

Häzirki wagtda ýurdumyzda ýaşlaryň bagtyýar durmuşy üçin giň gerimli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Ýaş nesil baradaky alada, ony milli we umumadamzat gymmatlyklarynyň esasynda terbiýelemek ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar.

Amala aşyrylýan ägirt uly özgertmeleriň çäklerinde milli bilim ulgamyny kämilleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Bilim ulgamyna jemgyýetimiziň we döwletimiziň mundan beýläk-de ösmegi üçin binýatlaýyn esas hökmünde garalýar. Häzirki wagtda ýaş nesliň döredijilik taýdan kämilleşmegi üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Bu ugurda ädilýän ädimler, ilkinji nobatda, doly derejeli we köpugurly bilim almak, sazlaşykly ösen ýaş nesli, hakyky watançylary terbiýelemek üçin zerur şertleri üpjün etmäge gönükdirilendir. Durmuşa geçirilýän şeýle işler bolsa ýurdumyzyň ýaş nesliniň ähli babatda mümkinçiliklerini açyp görkezmegine ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiz: «Ýaşlar ýurdumyzyň we halkymyzyň geljegidir. Şonuň üçin hem Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesliň mümkinçiliklerini giňeltmekde we durmuşa geçirmekde uly işler durmuşa geçirilýär» diýip nygtaýar. Bu bolsa ýaşlaryň kämil watansöýüji, giň dünýägaraýyşly şahsyýetler bolup kemala gelmegine uly itergi berýär. Hormatly Prezidentimiziň sargytlary ýaşlary täze üstünliklere ruhlandyrýar. Ýurdumyzyň hyjuwly, zähmetsöýer ýaşlary hormatly Prezidentimiziň beýik maksatlaryny, ägirt uly taslamalaryny üstünlikli durmuşa geçirmäge hemmetaraplaýyn ýardam berýärler.

Häzirki wagtda tutuş dünýä ylmyndaky ýetilen derejeler, iň täze tehnikalar, kämil tehnologiýalar we soňky tejribeler ýurdumyzyň bilim ulgamyna giňişleýin ornaşdyrylýar. Eziz ýurdumyzyň ylmy-tehniki kuwwatynyň binýadynda täzeçil tehnologiýalara esaslanýan bütewi bir ulgam döredildi. Munuň şeýledigine ýurdumyzda gazanylan innowasion ösüş ýoly ähli pudaklaryň ykdysady kuwwatynyň ýokarlanmagyna, ylmy-tehniki ösüşiň ilerlemegine şert döredýär. Türkmenistan döwletimiziň ylmy-tehniki, intellektual kuwwatyny artdyrmagyň bähbidine bilimi hem ylmy ösdürmek, ýurdumyzda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny durmuşa geçirmek, uzak geljegi nazarlaýan özgertmeleri ylmy esasda durmuşa geçirmek oňyn häsiýete eýedir. Durmuşa geçirilýän bilim maksatnamalary boýunça bilim bermeklik işi maksadalaýyk ýola goýulýar. Munuň özi, innowasion tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagyna we okatmagyň usullarynyň kämilleşdirilmegine, ylmyň bu ulgamlaryndan baş çykarýan ýaşlary terbiýelemek, degişli ylmy-barlaglary geçirmek üçin amatly şertleriň döredilmegine ýardam edýär.

Dogrudan-da ata Watanymyza, halkymyza, ata-babalarymyzyň ajaýyp ýörelgelerine, milli däp-dessurlarymyza wepaly, ruhubelent, bilim almaga, hünär öwrenmäge, döredijilikli zähmet çekmäge höwesli ýaşlar kemala gelýär. Munuň özi Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanan ägirt uly üstünliklerine guwanmaga, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de okgunly ösdürmäge itergi berýär. Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda bilimler dünýäsine ilkinji gezek gadam basýan çagalara ýörite ornaşdyrylan programma üpjünçilikli kompýuterleriň ýadygärlik sowgat hökmünde gowşurylmagy şatlykly wakadyr. Bularyň ählisi bu ulgamda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň esasy maksadynyň bilime ählumumy elýeterliligi üpjün etmekden, ýurdumyzyň her bir raýatynyň öz ukyplaryndan we zehininden doly derejede peýdalanyp

bilmegi üçin oňaýly şertleri döretmekden ybaratdygyna şaýatlyk edýär.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna», «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» hem-de «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda, türkmen ýaşlary hakynda şeýle giň gerimli işleriň ýaýbaňlanýan döwründe ýurdumyzyň beýleki ykdysady pudaklary bilen bir hatarda karz edaralary tarapyndan hem meýilnamalaýyn wezipeler durmuşa geçirilýär. Şolaryň esasynda bolsa döwletiň ýaş raýatlary, ýaş maşgalalardyr, bagtyýar talyplary üçin dürli görnüşli bank hyzmatlary işlenip düzülýär. Ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan berilýän goldawlaryň hatarynda ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny edinmek üçin berilýän ýeňillikli karzlary, ýaşaýyş jaýy üçin berilýän karzlary, talyplar bilen bagly hyzmatlary we beýlekileri görkezmek bolar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda ýaş maşgalalaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowlandyrmak maksady bilen durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin 3 (üç) ýyl möhletli ýyllyk 1(bir) göterim bilen nagt we nagt däl görnüşinde berilýän karzyň möçberi 20 000 (ýigrimi müň) manat möçberinde ýokarlandyryldy.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýaşlary goldamak, olaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen tölegli esasda bilim alýan talyplara berilýän «Talyp karzy» bank karzlarynyň möçberini yzygiderli artdyrmak, töleg ulgamyny has-da kämilleşdirmek boýunça hem degişli işler yzygiderli alnyp barylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalarynyň netijesinde amala aşyrylýan giň gerimli işler, durmuşa geçirilýän beýik özgertmeler, şol sanda gurulýan döwrebap obadyr şäherler, ilkinji nobatda, ýaşlaryň bagtyýarlygyny, halkymyzyň röwşen geljegini nazarlaýar. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryndan kemal tapan Arkadag şäherine ýaş nesliň işjeň çekilmegi, ýaşlaryň täzeçil tekliplerine, ukyp-başarnyklaryna uly ähmiýet berilmegi-de ýurdumyzda ýaş nesillere aýratyn ynam bildirilýändiginiň aýdyň güwäsidir. Bu barada Gahryman Arkadagymyz: «Arkadag şäheriniň ýaşlaryň şäheri hökmünde ykrar edilmegi guwançly ýagdaýdyr» diýip bellemek bilen täze şäherde ýaşlara uly ornuň degişlidigini aýratyn nygtaýar.

Ýurdumyzda biz ýaşlara yhlasly zähmet çekmäge şeýle giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli işleri hemişe rowaç bolsun!

**Gülsere AHMEDOWA,**
**Begli ALLAÝAROW,**
Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär
okuw mekdebiniň mugallymlary

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

### 2023-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
### Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 декабря 2023 г.




### 2023-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
### Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 декабря 2023 г.




### 2023-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany
### Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 декабря 2023 года




### Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)
### Структура активов кредитных учреждений, (в %)



№11
2023

TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
## Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2023-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 декабря 2023 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
## Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2023-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
## Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 декабря 2023 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| **GÖRKEZIJILER** ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi ед. измер. | 01.12.2022 | 01.01.2023 | 01.12.2023 | 01.12.2023 01.01.2023-e, %-de | 01.12.2023 01.12.2022-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary** Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **10** | **10** | **11** | *110,0* | *110,0* |
| şol sanda: в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik - государственно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik - акционерно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary - филиалы иностранных банков | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky - Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy» - «Туркменская инвестиционная компания» | sany / ед. | | | 1 | | |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany** Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **147** | **150** | *102,0* | *102,0* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany** Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | * | **6 562 437** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany** Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | * | **8 562,8** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi** Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat млн манат | **6 617,4** | **6 782,9** | **6 995,1** | *103,1* | *105,7* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)** Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat млн манат | **17 003,63** | **16 389,77** | **18 041,30** | *110,1* | *106,1* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary** Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat млн манат | **88 490,26** | **88 926,48** | **90 151,98** | *101,4* | *101,9* |
